Neýroulgamlaryna we maşyn öwrenişine esaslanýan funksiýalar diňe iPhone 15 Pro, iPad Pro we M-seriýaly çipleri bolan Mac kompýuterlerinde işlejekdigini Bloomberg-iň analitigi Mark Gurman habar berdi.
Bu diýildigi, iPhone 15, iPad modelleriniň we M – seriýaly çipleri bolan käbir köne enjamlaryň iOS 18-iň mümkinçiliklerinden doly peýdalanyp bilmejekdigini aňladýar.
Täze AI funksiýalaryny aljak enjamlaryň sanawy:

iPhone 15 Pro, iPhone 15 Pro Max we ondan soňky modeller;
iPad Air M1 (2022) we ondan soňky modeller;
iPad Pro M1 (2021) we ondan soňky modeller;
MacBook Air M1 (2020) we ondan soňky modeller;
MacBook Pro M1 (sensor panelli we panelsiz) we ondan soňky modeller;
M2 çipleri bolan Mac Pro;
Mac mini M1 (2020) we ondan soňky modeller;
Mac Studio (ähli modelleri);
iMac M1 / M3 we soňraky modeller.
Täze funksiýalar, hatda iPhone 15, 15 Plus we ähli esasy iPad we iPad mini modelleri üçinem elýeterli bolmaz. M1 çipleri bolan kompýuterler we planşetler AI funksiýalaryny 50% ähtimallyk bilen kabul edip bilerler, sebäbi bu enjamlara eýýäm 2-3 ýyl boldy.

Все права защищены